**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZIŇ YKDYSADY SYÝASATYMYZYŇ BAŞ MAKSADY HALKYMYZYŇ ÝAŞAÝYŞ-DURMUŞ DEREJESINI YZYGIDERLI GOWULANDYRMAKDAN YBARATDYR.**

BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY: DÖWLET ADAM ÜÇINDIR!

# TÜRKMENISTAN

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

Gündelik gazet. № 51 (31665). 2026-njy ýylyň 27-nji fewraly. Anna.

**Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA**

Mukaddes Oraza aýy mynasybetli Siziň Alyhezretiňize tüýs ýürekden gutlaglarymy we berk jan saglyk, abadançylyk baradaky iň gowy arzuwlarymy beýan etmäge şatdyryn. Bu mübärek günlerde edýän ýagşy doga-dilegleriňiziň, haýyr-sogap işleriňiziň Gudraty Güýçli Allatagalanyň dergähinde kabul bolmagyny dileýärin.

***Abdelmajid TEBBUN,***
***Alžir Halk Demokratik Respublikasynyň Prezidenti.***



# GIŇ GERIMLI ÖZGERTMELERIŇ DURMUŞA GEÇIRILMEGINDE NOBATDAKY TAPGYR

***2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy her bir türkmenistanlyny Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramyny uly zähmet üstünlikleri bilen garşylamaga, Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan giň gerimli özgertmeleriniň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmegine mynasyp goşant goşmaga ruhlandyrýar. «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda» hem şu ýylda ýerine ýetirilmeli anyk wezipeler kesgitlenilýär.***

Agzalan Maksatnama 13-nji fewralda 2025-nji ýylda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde döwlet Baştutanymyzyň gol çeken degişli Karary bilen tassyklandy. Onda 2026-njy ýylda ýetilmeli makroykdysady görkezijiler, ykdysadyýetiň ähli pudaklary boýunça önümçilik meýilnamalary, ýerine ýetirilmeli işler, Aşgabat we Arkadag şäherleri, welaýatlar boýunça durmuş-ykdysady, maýa goýum görkezijileri bellenildi. Şeýle-de resminamada ilatyň girdejilerini yzygiderli artdyrmak, ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmak bilen bagly çäreler göz öňünde tutulýar.

«Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasy» «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» we beýleki döwürleýin maksatnamalarda göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek maksady bilen, ýurdumyzyň 2026-njy ýyl üçin Döwlet býujetinde kesgitlenen görkezijilerden, önümçilik we maliýe meýilnamalaryndan hem-de çärelerden ugur alnyp işlenip taýýarlanyldy.

Prezident Maksatnamasynyň, şu ýyl üçin Döwlet býujetiniň ileri tutulýan ugurlary göz öňünde tutulan resminamada işjeň maýa goýum syýasatyny alyp barmak arkaly Watanymyzyň durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmek, sebitleriň okgunly ösmegini gazanmak möhüm wezipe hökmünde kesgitlenildi. Hormatly Prezidentimiziň Hökümetiň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda belleýşi ýaly, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak üçin bu Maksatnamany durmuşa geçirmegiň çäklerinde welaýatlarda we paýtagtymyzda ençeme desgalardyr binalaryň gurluşygyna badalga berler. Şeýle hem birnäçe binalaryň we desgalaryň gurluşygyny tamamlamak göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, önümçilik we durmuş maksatly desgalaryň gurluşyklaryna maýa goýumlaryň möçberi artdyrylar.

Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyrmak maksady bilen, senagat kärhanalarynyň önümçilik kuwwatyny doly güýjünde peýdalanmaga, eksport ugurly we importyň ornuny tutýan önümleri öndürýän önümçilikleri höweslendirmäge uly ähmiýet berilýär. Şunda döwrebap sanly tehnologiýalary, «ýaşyl» ykdysadyýeti ornaşdyrmagy dowam etdirmek, kiçi we orta telekeçiligi giňden goldamak, sebitlerde täze iş orunlaryny döretmek, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak 2026-njy ýyla niýetlenen Maksatnamada esasy wezipeleriň hatarynda görkezilýär.

Ykdysadyýeti toplumlaýyn esasda durnukly ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleriň netijesinde makroykdysady görkezijileriň durnukly ösüşi üpjün ediler we 2026-njy ýylda Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň ösüş depgini azyndan 6,3 göterim derejede bolar diýlip çaklanylýar. Türkmenistanyň şu ýyl üçin Döwlet býujeti öňde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmekde esasy maliýe guraly bolup hyzmat eder. Ýurdumyzyň baş maliýe resminamasynyň girdejileri we çykdajylary 131,8 milliard manat möçberinde tassyklanyldy. Býujetiň girdeji bölegi ykdysadyýetiň pudaklarynyň hasabyna, esasan, nebitgaz, senagat, himiýa, elektroenergetika, gurluşyk, obasenagat toplumlaryndan, ulag-aragatnaşyk, dokma, azyk senagaty pudaklaryndan, maliýe-bank, hususy ulgamlardan gelip gowuşjak salgytlaryň we hökmany tölegleriň hasabyna üpjün ediler. 2026-njy ýylda Türkmenistanyň ykdysadyýetine maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna jemi 41,2 milliard manat möçberinde düýpli maýa goýumlary gönükdirmek maksat edinilýär. Onuň agramly bölegi önümçilik we durmuş-medeni maksatly desgalaryň gurluşygyna gönükdiriler.

Şu ýylda milli ykdysadyýeti gurluş taýdan üýtgedip guramak işi dowam etdirilip, bu ugurda ileri tutulýan pudaklarda innowasion, serişde tygşytlaýjy, daşky gurşawa zyýansyz taslamalaryň hem-de önümçilikleriň ösdürilmegine uly üns berler. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlaryny yzygiderli durmuşa geçirmäge gönükdirilen çäreler amala aşyrylar. Şunda maýa goýum işjeňliginiň artdyrylmagyna uly ähmiýet berilýär. Döwlet maýa goýum syýasatynyň netijeliligini düýpli ýokarlandyrmak, maýa goýum taslamalarynyň amala aşyrylmagyny dowam etdirmek, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek babatda maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Türkmenistana Bütindünýä Söwda Guramasyna goşulyşýan ýurt hökmünde «işjeň synçy» derejesiniň berilmegi bilen, şu ýyl bu gurama agza bolmak bilen bagly işler dowam etdiriler. Häzirki wagtda Türkmenistanyň kanunçylygyny, daşary söwda ulgamyny bu guramanyň düzgünlerine we ýörelgelerine laýyklykda kämilleşdirmek boýunça işler alnyp barylýar.

Ykdysadyýetiň pudaklarynda täze kärhanalary gurmagyň, bar bolanlarynyň durkuny täzelemegiň hasabyna ýurdumyz boýunça 5 müň 300-e golaý täze iş ornuny döretmek göz öňünde tutulýar. Döredilýän täze iş ýerleri zähmete ukyply ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň ýokarlanmagyna mümkinçilik berer. Hormatly Prezidentimiz agzalan Hökümet mejlisinde ilatymyzyň ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak üçin ýeňillikli şertlerde karzlaryň berilmegini dowam etdirmek, bankara elektron töleg ulgamyny yzygiderli ornaşdyrmak, sanly ulgam arkaly ýerine ýetirilýän bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak boýunça tabşyryklary berdi. Şeýle hem ykdysadyýetimizi ösdürmäge maliýe goldawyny bermek, milli puluň hümmetini durnukly saklamak boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegiň möhümdigine üns çekildi.

Durmuş ulgamy Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň dowam etdirýän döwlet syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. Şu ýyl Döwlet býujetiniň çykdajy böleginde durmuş maksatly ulgama gönükdirilýän serişdeleriň 77,1 göterime barabar bolmagyna garaşylýar. Serişdeleriň esasy bölegi, öňki ýyllarda bolşy ýaly, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, durmuş üpjünçiligi, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy ulgamlarynyň ösdürilmegine gönükdiriler. «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl umumy meýdany 900 müň inedördül metrden gowrak ýaşaýyş jaýlaryny gurup ulanmaga bermek meýilleşdirilýär. Açylmagy göz öňünde tutulýan iri ýaşaýyş jaý toplumlarynyň hatarynda Aşgabat şäheriniň «Parahat — 7» ýaşaýyş toplumynda 30 sany ýaşaýyş jaýy, köp sanly söwda we hyzmatlar öýleri, Büzmeýin etrabyndaky ýaşaýyş jaý toplumynda 46 sany häzirki zaman ýaşaýyş jaýy, paýtagtymyzda 127 sany iki gatly kottej görnüşli ýaşaýyş jaýy, Gyzylarbat etrabynda täze, döwrebap oba, Guwlymaýak şäherçesinde ýaşaýyş jaýlar we binalar toplumy bar.

Şäherleriň, beýleki ilatly ýerleriň düzümini toplumlaýyn kämilleşdirmäge, raýatlarymyzy ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmäge gönükdirilen täzeçil şähergurluşyk konsepsiýasy döwlet Baştutanymyz tarapyndan durmuşa geçirilýän strategiýanyň wajyp ugurlarynyň biridir. Şunda durmuş ulgamy dolulygyna «akylly» tilsimatlara, ýokary tehnologiýalara esaslanýan Arkadag şäheriniň Diýarymyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda ýeten sepgitleriniň, döredijilik kuwwatynyň ajaýyp nyşanyna öwrülendigini aýratyn bellemek gerek. Paýtagtymyzda, tutuş ýurdumyzda bar bolan ýaşaýyş jaý gaznasyny döwrebaplaşdyrmak bilen bir hatarda, köp gatly, şol sanda ähli amatlyklary özünde jemleýän kottej görnüşli jaýlar guruldy we olaryň gurluşygy dowam etdirilýär. Munuň özi ýaşaýjylaryň şahsy isleglerine laýyk gelýän jaýlary saýlamaga bolan şertleriň has-da artmagyna mümkinçilik berýär.

Ýaş nesliň döwrebap bilim almagyna gönükdirilýän serişdeler ýurduň geljegine maýa goýumdyr. Şundan ugur alnyp, her ýylda ylym-bilim ulgamyna degişli edaralary açyp ulanmaga bermek asylly däbe öwrüldi. Mekdebe çenli we umumy orta, ýokary bilimi kämilleşdirmek bilen bir hatarda, ony hil taýdan täze derejä çykarmaga hem möhüm ähmiýet berilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda 3 müň 380 orunlyk umumybilim edaralaryny, 1 müň 80 orunlyk mekdebe çenli çagalar edaralaryny gurup ulanmaga bermek meýilleşdirilýär. Mundan başga-da, Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň täze binalar toplumlary dabaraly açylar.

Baý medeni mirasymyzyň köpasyrlyk gymmatlyklaryny dünýäde wagyz etmek, döwrebap görnüşde has-da ösdürmek döwletimiziň hemişe üns merkezinde saklanylýar. Şunuň bilen baglylykda, şu ýyl paýtagtymyzda açylmagy göz öňünde tutulýan 4 müň orunlyk köpugurly medeni merkez bu ulgamyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň yzygiderli berkidilýändiginiň nobatdaky aýdyň güwäsine öwrüler.

Geçen ýyl kabul edilmegine 30 ýyl dolan «Saglyk» Döwlet maksatnamasy saglygy goraýyş ulgamyny hil taýdan täze derejä çykarmaga mümkinçilik berdi. Şu döwürde paýtagtymyzda, ýurdumyzyň welaýatlarynda döwrebap hassahanalar, dürli lukmançylyk, sagaldyş-dynç alyş ugurly edaralar guruldy. Bu düzümleriň hemmesi häzirki zaman enjamlary we täzeçil tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylandyr. Netijede, ilata ýokary derejeli, halkara ölçeglere laýyk gelýän lukmançylyk hyzmatlaryny hödürlemäge giň mümkinçilikler döredildi. Şu ýyl Aşgabatda Halkara pediatriýa, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezleri we Stomatologiýa merkezi ulanmaga berler. «Arçman» şypahanasynda bolsa 400 orunlyk täze binalar toplumy raýatlara hyzmat edip başlar. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak maksady bilen, awtomobil ýollarynyň, aragatnaşyk, suw, gaz, elektrik üpjünçilik ulgamlarynyň, suw we lagym arassalaýjy desgalaryň gurluşygyna iri maýa goýum serişdeleri gönükdiriler.

Umuman, täze Maksatnamada bellenen wezipeler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmegi, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini yzygiderli ýokarlandyrmagy baş maksat edinýändigini doly tassyklaýar. Ykdysady özgertmeleriň geçirilmegi, öňi bilen, ykdysadyýetiň pudaklarynyň işini we dolandyrylyşyny täzeçe, döwrüň talabyna laýyklykda guramaga, ony dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesine daýanyp, yzygiderli kämilleşdirmäge, milli ykdysadyýetiň özboluşly nusgasynyň kemala getirilmegine mümkinçilik berýär.

Diýarymyzda gurluşyk senagatynyň önümleriniň görnüşlerini yzygiderli giňeltmäge, pudagyň önümçilik, ylmy-tehniki kuwwatyny pugtalandyrmaga, dolandyryşyň netijeli usullaryny ornaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, hereket edýän önümçilikleriň tehniki we ykdysady kuwwatlyklaryny artdyrmak, importyň ornuny tutýan, eksport ugurly önümleri öndürmek üçin iri senagat toplumlary gurlup ulanmaga berilýär. Gaýtadan işleýän kärhanalary, senagat pudaklaryny ýokary depginde ösdürmek üçin goýberilýän maýa goýumlaryň möçberi ýylsaýyn artdyrylýar. Gurluşyk, himiýa senagatynda, elektroenergetika pudaklarynda başy başlanan iri taslamalaryň gurluşygy şu ýylda batly depginde dowam etdiriler. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu pudaklaryň ösüşi okgunly häsiýete eýe boldy. Gyzylarbat etrabynda köpugurly elektrik stansiýasynyň ulanmaga berilmegi tebigy serişdelere baý ýurdumyzda gaýtadan dikeldilýän energetika ugruny ösdürmekde täze sahypany açar.

Soňky ýyllarda ýol gurluşygyny ösdürmek, täze halkara ulag geçelgelerini döretmek, ýük we ýolagçy gatnawlarynyň möçberini yzygiderli artdyrmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Ýol-ulag düzüminiň barha kämilleşdirilmegi, öňdebaryjy tehnologiýalary ulanmak esasynda täze awtomobil ýollarynyň, köprüleriň gurulmagy munuň aýdyň mysalydyr. Şu ýylda ýurdumyzyň sebitlerini birleşdirýän ulag ýollaryny, goňşy ýurtlara uzaýan halkara ähmiýetli awtomobil ýollaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça işler dowam etdiriler. Häzirki wagtda Türkmenistan ulag toplumynyň pudaklarynyň maddy-tehniki binýadyny işjeň berkidýär, täze awtomobil we polat ýollaryny, howa menzillerini gurmak bilen, iri logistika zynjyrlaryny döredýär hem-de yklymyň möhüm üstaşyr ulag merkezi hökmünde eýeleýän ornuny barha pugtalandyrýar. Şu ýylda hem ýurdumyzda ýükleriň üstaşyr geçirilişiniň möçberiniň artdyrylmagy üçin ulaglaryň ähli görnüşleri arkaly ýük dolanyşygyny ýokarlandyrmak, täze üstaşyr geçelgeleri ýola goýmak göz öňünde tutulýar. Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Türkmenabat böleginiň açylmagy üstaşyr geçirilýän ýükleriň ep-esli artdyrylmagyna ýardam eder.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna sanly ulgamy, «akylly» we «ýaşyl» tehnologiýalary ornaşdyrmak, emeli aňyň mümkinçiliklerinden peýdalanmak möhüm wezipeleriň hataryndadyr. Şoňa görä-de, ýerli hem öýjükli telefon, emeli hemra aragatnaşygy, internet, poçta hyzmatlary, sanly ykdysadyýet, kiberhowpsuzlyk ulgamlary döwrüň ösen talaplaryna laýyklykda yzygiderli kämilleşdiriler.

Nebitgaz pudagy milli ykdysadyýetimizde wajyp orny eýeleýär. Ýurdumyzyň nebitgaz pudagyny ösdürmek, tebigy gazyň diwersifikasiýa ýoly bilen iberilişiniň möçberini artdyrmak, pudagyň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak energetika syýasatynyň möhüm wezipeleriniň biridir. Türkmenistan dünýäniň kuwwatly energetika döwletleriniň biri bolmak bilen, döwrüň ýagdaýlaryna we talaplaryna kybap gelýän energetika howpsuzlygynyň täze ählumumy arhitekturasyny döretmek meselelerine aýratyn üns berýär. Şunuň bilen baglylykda, sebitde durnukly ösüşiň üpjün edilmegine ýardam edýän iri energetika taslamalarynyň gurluşygy yzygiderli ilerlediler.

Azyk howpsuzlygyny üpjün etmek, döwlet buýurmasy boýunça ýetişdirilýän oba hojalyk önümlerini hem-de beýleki önümleri öndürmek, ekologik taýdan arassa önümçilikleri döretmek, maldarçylygy ösdürmek, daşky gurşawy goramak, ýer we suw serişdelerinden peýdalanmagyň netijeliligini ýokarlandyrmak oba hojalyk pudagynyň esasy wezipeleridir. Bu ugurlara gönükdirilýän düýpli maýa goýumlaryň hasabyna toplumyň maddy-enjamlaýyn binýadyny kämilleşdirmek, öndürilýän azyklyk önümleriň görnüşlerini we möçberini artdyrmak, ekologik abadançylygy üpjün etmek boýunça degişli işler alnyp barlar.

Dünýä döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary giňeltmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilişini artdyrmak, ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmak, söwda hyzmatlaryny kämilleşdirmek, esasan-da, halkyň sarp edýän harytlaryna bolan islegleri kanagatlandyrmak söwda toplumynyň öňünde durýan esasy wezipelerdir. Ýeňil senagat kärhanalarynyň we hususy bölegiň önümçilik kuwwatlyklarynyň artdyrylmagy bilen, öndürilýän önümleriň görnüşleri we eksport ugurlary diwersifikasiýalaşdyrylýar. Ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň düzüminde hususy pudagyň paýyny 72,9 göterime ýetirmek şu ýylda öňde goýlan derwaýys wezipeleriň hataryndadyr. Mälim bolşy ýaly, ýurdumyzyň altyn gaznasy hasaplanýan telekeçiler önümçilik we hyzmatlar ulgamynyň dürli ugurlarynda üstünlikli iş alyp baryp, Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň pugtalandyrylmagyna saldamly goşant goşýarlar.

Diýarymyzyň sebitleriniň ykdysady taýdan ýokary depginli ösüşini gazanmak we innowasion häsiýetli önümçilikleri döretmek, bäsdeşlige ukyply taýýar önümleri öndürmek, olary dünýä bazarlaryna çykarmak, ekologik taýdan arassa önümleri öndürmek we daşky gurşawy gorap saklamak, ýaşaýyş-durmuş, inženerçilik ulgamlaryny hil taýdan ýokary derejede ösdürmek şu ýyl üçin niýetlenen Maksatnamada esasy wezipeleriň hatarynda kesgitlenendir. Olaryň üstünlikli ýerine ýetirilmegi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň ähli ugurlarda täze sepgitlere ýetip, dünýäniň ösen döwletleriniň hataryndan orun almagyna, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagyna ýardam eder.

2025-nji ýylyň jemlerine bagyşlanan mejlisde eden çykyşynda hormatly Prezidentimiz şu ýyl üçin kabul edilen Maksatnamanyň örän köp işleri öz içine alýandygyny, ata Watanymyzy mundan beýläk-de has-da gülledip ösdürmegiň baş maksat bolup durýandygyny nygtap, 2026-njy ýylda bellenilen sepgitlere, maksatlara halkymyz bilen bilelikde tutanýerli zähmet çekmek arkaly ýetiljekdigine berk ynam bildirdi. Geçen ýyllarda gazanylan oňyn netijeler, şu ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip atlandyrylmagy ýurdumyzyň depginli ösüşini täze derejä çykarmakda möhüm tapgyry açýar. Durmuşa geçirilýän giň gerimli işler Watanymyzyň mundan beýläk-de sazlaşykly ösüşiniň, halkymyzyň abadan durmuşynyň üpjün edilmegi üçin ygtybarly binýady döredýär.

***(TDH)***

# BITARAP, GARAŞSYZ TOPRAGYŇ NURDUR,

SAPARYŇ YZYSÜRE

## PARLAMENTARA HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE DEREJESI

***«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ata Watanymyz parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, sebitleýin we ählumumy derejede deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasy ugruna üýtgewsiz ygrarlydygyny iş ýüzünde tassyklaýar. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän öňdengörüjilikli strategiýa eýerýän Türkmenistan gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegi maksat edinýär. Golaýda Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýetiniň Gruziýa amala aşyran iş sapary hem parlament ugurly özara gatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykaran möhüm waka boldy.***



Saparyň çäklerinde Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy Dünýägözel Gulmanowa Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygy Şalwa Papuaşwili bilen duşuşdy. Duşuşykda ýurdumyzyň Gruziýa bilen parlamentara gatnaşyklara ýokary baha berýändigi we ony ähli ugurlar boýunça mundan beýläk-de ösdürmäge taýýardygy mälim edildi. Taraplar iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmekde halkara hukuk ulgamyndaky özara hereketlere uly ornuň degişlidigini bellediler. Şunda parlament diplomatiýasy möhüm ähmiýete eýe bolup, ol halkara ýagdaýlary sagdynlaşdyrmaga, oňa netijeli täsir etmäge, döwletara gatnaşyklarda ynanyşmagy dikeltmek üçin şertleri döretmäge, halklaryň özara düşünişmegine ýardam etmäge, dürli milletli we syýasy garaýyşly adamlaryň arasynda deňhukuklylyga, özara hormat goýmaga esaslanýan gatnaşyklary ýola goýmaga gönükdirilendir. Şoňa görä, gepleşikleriň dowamynda parlamentara dostluk toparlarynyň işini kämilleşdirmegiň, ugurdaş komitetleriň, ýaş we zenan parlamentarileriň arasyndaky gatnaşyklary işjeňleşdirmegiň, parlament derejesinde duşuşyklardyr maslahatlary guramagyň zerurdygyna üns çekildi.

Türkmenistanyň Mejlisi bilen Gruziýanyň Parlamentiniň arasynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşyga gol çekilmegi bu duşuşygyň ähmiýetini has-da artdyrdy. Resminama laýyklykda, geljekde iki ýurduň parlamentara gatnaşyklarynyň hukuk esaslaryny berkitmek, bilelikdäki işleriň has-da guramaçylykly alnyp barylmagy üçin zerur tagallalary etmek göz öňünde tutulýar.

Gruziýanyň Prezidenti Mihail Kawelaşwili we Premýer-ministri Irakliý Kobahidze bilen geçirilen duşuşyklarda türkmen wekiliýetiniň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimiziň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň iberen mähirli salamlaryny, iň gowy arzuwlaryny ýetirip, syýasy, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer ulgamlardaky türkmen-gruzin hyzmatdaşlygynyň soňky ýyllarda işjeň häsiýete eýe bolýandygyny nygtady. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Mejlisiniň köpugurly işinde halkara we parlamentara işiň meseleleri wajyp orny eýeleýär. Bu işiň giňeldilmegi Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň dünýäniň syýasy, ykdysady, hukuk giňişligine has işjeň goşulyşmagynyň zerurlygy bilen baglanyşyklydyr. Şu nukdaýnazardan, gepleşikleriň dowamynda döwletara hyzmatdaşlygyň aýrylmaz bölegi hökmünde parlamentara gatnaşyklary has-da ösdürmek bilen bagly pikirler beýan edildi. Şunuň bilen birlikde, ýokary derejedäki saparlardyr duşuşyklaryň çäklerinde gazanylan ylalaşyklaryň, gol çekilen bilelikdäki resminamalaryň ýurtlaryň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge itergi berýändigi bellenildi.

Gruziýanyň Premýer-ministri bilen bolan duşuşykda türkmen we gruzin parlamentarileriniň ikitaraplaýyn saparlarynyň, şol sanda Gruziýanyň Parlamentiniň Başlygynyň Türkmenistana amala aşyran saparynyň, türkmen wekiliýetiniň şu gezekki saparynyň möhüm ähmiýetine üns çekilip, geljekde bu ugurda bilelikdäki hereketleri ilerletmegiň iki halkyň abadan durmuşynyň bähbidine hyzmat etjekdigine ynam bildirildi. Şunda soňky wagtda ýokary derejedäki yzygiderli syýasy gatnaşyklaryň işjeň häsiýete eýe bolýandygy nygtalmaga mynasypdyr. Diňe geçen ýylyň dowamynda Premýer-ministr Irakliý Kobahidze Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatyna hem-de Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň jemleýji wakasy bolan iri halkara foruma gatnaşmak maksady bilen iki gezek Türkmenistanda saparda boldy. Özara gatnaşyklarda energetika, senagat, ulag-logistika, saglygy goraýyş ulgamlary geljegi uly ugurlar hasaplanýar. Türkmenistan «Hazar deňzi — Gara deňiz», «Lapis Lazuli», «Ýaşyl» port ýaly taslamalary durmuşa geçirmäge we ösdürmäge gyzyklanma bildirýär.

Türkmenistanyň parlament wekiliýetiniň Gruziýa saparynyň çäklerinde Tbilisi şäherindäki Gahrymanlar meýdanynda milli gahrymanlaryň hormatyna gül desseleri goýuldy.

Umuman, bu sapar parlament diplomatiýasy arkaly döwletara hyzmatdaşlygyň ösüşine goşant goşmakda möhüm ädimleriň biri boldy. Daşary döwletleriň parlamentleri bilen gatnaşyklary ilerletmek, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň gazanýan üstünliklerini dünýä ýaýmak babatda döredýän giň mümkinçilikleri üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza we Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys.

*Maksat KULYÝEW,*
*Türkmenistanyň Mejlisiniň Halkara we parlamentara aragatnaşyklar baradaky komitetiniň başlygy.*

OBA HOJALYGY

## Bugdaýa ideg, gowaça ekişine taýýarlyk

***Ýere yhlas siňdirseň, miwesini bolluk bilen eçilýär. Balkan welaýatynyň merdana babadaýhanlary hem yhlasly zähmet çekip, ýylyň-ýylyna döwlet harmanyna guşgursak däne we pagta tabşyrmak baradaky şertnamalaýyn borçnamalaryna abraý bilen hötde gelmegi başarýarlar.***

Şu günler ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda bolşy ýaly, Balkan welaýatynda-da ekilen güýzlük bugdaýa ideg işleri guramaçylykly dowam etdirilýär. Gün-günden boý alýan maýsaly meýdanlar gözüňi dokundyrýar. Welaýatyň daýhanlary ýaşyl öwüsýän maýsaly meýdanlara dökün bermek, ösüş suwuny tutmak ýaly ideg işlerini gowşamaýan depginde alyp barýarlar. Welaýat boýunça 50 müň gektar ýere bugdaý ekilip, şondan 80 müň tonna guşgursak däne almak meýilleşdirilýär. Belent sepgide ýetmek üçin Gyzylarbat, Bereket, Magtymguly, Etrek, Esenguly etraplarynda ideg işleri agrotehnikanyň talaplaryna laýyklykda amal edilýär.

Welaýatyň oba hojalyk toplumynyň işgärleri bugdaýa ideg bilen bir hatarda, gowaça ekişine taýýarlyk işlerini hem utgaşykly alyp barýarlar. Olar gowaça ekiljek ýerleri tekizlemek, geriş çekmek ýaly işleri hem ýokary depginde berjaý etdiler. Gowaça tohumyny ýerli toprak-howa şertlerine görä saýlap alyp, ekişe doly taýýarladylar. Möwsümde welaýat boýunça 13 müň gektar ýere gowaça ekmek göz öňünde tutulyp, şondan «ak altynyň» 16 müň tonnasyny almak meýilleşdirilýär. Sepgide ýetmek üçin welaýatyň ähli etraplarynda döwrebap şertler döredilen.

— Daýhanlar, ýer eýeleri, oba hojalyk önümlerini öndüriji telekeçiler üçin döwlet tarapyndan döredilýän şertler olary bol hasyl alyp, ýurdumyzyň azyk bolçulygyna goşant goşmaga ruhlandyrýar. Ynha, indi birnäçe ýyl bäri balkanly daýhanlaryň ýurdumyzda ilkinji bolup, döwlete bugdaý we pagta tabşyrmak boýunça şertnamalaýyn borçnamasyny artygy bilen berjaý edip gelýändigi bizi örän buýsandyrýar. Şu ýyl hem bellenilen sepgide abraý bilen ýetiljekdigine ynamymyz uly. Şu ýyl welaýatyň ýerli toprak-howa şertlerine laýyklykda, bugdaýyň «Alekseiç», «Bezostaýa-100» ýaly sortlaryndan ýokary hasyl alarys diýip umyt edýäris. Welaýatda gowaça ekişine taýýarlyk işleri üns merkezinden düşürilenok. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda gazanyljak zähmet üstünlikleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygyna baýramçylyk sowgady bolar — diýip, Balkan welaýat häkimliginiň oba hojalygynda özgertmeleri we döwrebap usullary ornaşdyrmak müdirliginiň başlygy Öwezberdi Ýazmämmedow biziň bilen gürrüňdeş bolanda aýtdy.

*Arazguly HUDAÝGULYÝEW.*
*(Öz habarçymyz).*



PILE — 2026

## Kümüş çäjim — ýüpek parçam

***«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýüpekçiligi ösdürmek maksady bilen, ýokary hilli pile öndürmek boýunça işler dowam etdirilýär. Bu babatda öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek, şeýle hem piläniň öndürilýän möçberini artdyrmak we onuň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň gol çeken Kararyna laýyklykda, «Türkmenpagta» döwlet konsernine hem-de welaýatlaryň häkimliklerine 2026-njy ýylda 2 müň 100 tonna çig pile öndürmegi üpjün etmek tabşyryldy.***



«Türkmenpagta» döwlet konsernine welaýatlaryň häkimlikleri bilen pile öndürmek boýunça baş şertnamalary baglaşmak, welaýatlaryň daýhan birleşiklerini, oba hojalyk kärhanalaryny, daýhan hojalyklaryny, kärendeçileri we ýer eýelerini ýüpek gurçugynyň ýokary hilli tohumynyň zerur mukdary bilen üpjün etmek bellenildi. Welaýatlaryň häkimliklerine pile öndürmek boýunça şertnamalaýyn borçnamalarynyň doly möçberde ýerine ýetirilmegini üpjün etmek tabşyryldy.

Ýurdumyzyň oba hojalygynyň ýüpekçilik ugrunyň ylmy esasda ösdürilmegi, pile öndürijilere ýokary hasyl almak üçin şertleriň döredilmegi netijesinde, dokma senagatynyň zerur çig maly bolan piläniň önümçiligi ýylsaýyn ýokarlanýar. Ýüpek gurçuklarynyň iýmit goruny döretmek maksady bilen, ýurdumyzda tut agaçlary ösdürilip ýetişdirilýär. Tutçulygyň inçe syrlaryny ele alan bagbanlarymyz tut meýdanlaryny ýyl-ýyldan artdyrýarlar.

Ýüpek gurçuklaryndan ýokary hilli pile hasylyny öndürmekde zerur şertleriň hatarynda ýüpek gurçuklary idediljek jaýlaryň taýýarlanylyşy, arassaçylyk we zyýansyzlandyryş işleriniň geçirilişi möhüm ähmiýetlidir. Ýokary önümli tohumdan bolan ýüpek gurçuklary göwnejaý idegi talap edýär. Şonuň üçin hem gurçuk idedilýän jaýlar saýlanyp alnanda, zerur ýylylyk we çyglylyk şertleri göz öňünde tutulmalydyr. Şeýle-de ýüpek gurçuklaryndan berk süýümli, ýokary çykymly pile hasylyny öndürmekde olaryň uly ýaşlarynda ýokumly, iýmit maddalaryna baý bolan tut ýapraklary bilen iýmitlendirilmegi esasy talap bolup durýar. Uly ýaşly ýüpek gurçuklary, kiçi ýaşlaryndaka garanyňda, tut ýapraklaryny örän köp möçberde talap edýär. Uly ýaşly ýüpek gurçuklaryny idetmegiň aýratynlyklary olary iýmitlendiriş meýdanyny giňeltmekden, şeýle hem jaýyň içini ýelejiretmekden, ýylylygy peseltmekden ybaratdyr. Uly ýaşly gurçuklar üçin ýylylyk +23... +25 gradus, çyglylyk 60 — 70 göterim bolsa oňaýly hasaplanýar. Umumy alnanda, bir guty gurçuk üçin iýmitlendiriş meýdany 60 — 70 inedördül metr bolmalydyr. Bir guty ýüpek gurçugyny iýmitlendirmek üçin, tohumyna baglylykda, 850 — 1000 kilograma golaý ýaprak gerek bolýar. Ýokary hilli tut ýapraklary bilen iýmitlendirmek ýüpek gurçuklaryny iýmitlendirmegiň dowamlylygyny azaldýar, şeýle hem pile saramagyna, hasylyň agramynyň gowy bolmagyna oňaýly täsirini ýetirýär.

Ýüpek gurçuklarynyň pile sarym döwründe ýokary hilli pile hasylyny almakda tebigy we emeli sübselikleriň talabalaýyk ulanylmagy hem möhüm hasaplanýar. Mälim bolşy ýaly, sübselik ediljek ösümlik yssyz, tikensiz, ýapragy kiçi, şahalary berk bolmaly. Ýurdumyzyň ýerli şertlerine görä, gurçuklar pile sarar ýaly sübselikler sygyrguýrukdan, ak kertden, selinden, siňrenden we beýlekilerden taýýarlanylýar. Eger sübselikler ýaramaz bolsa, pileleriň hili hem kada laýyk bolmaýar. Sübselikleri güýz aýlarynda taýýarlap, guradyp goýmaly. Bu babatda emeli sübselikleriň hem birnäçe artykmaçlyklary bar, olary uzak ýyllaryň dowamynda ulanyp bolýar.

Häzirki wagtda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde ýüpekçilik hünäri boýunça hünärmenler taýýarlanylýar. Talyp ýaşlaryň nazary bilimleri önümçilik bilen utgaşykly alnyp barylýar. Uniwersitetiň Ýüpekçilik tejribehanasynda ýüpek gurçuklarynyň tohumynyň janlandyrylýan döwründen başlap, pile sarym döwrüne çenli aralykda alnyp barylýan işler ylmy nukdaýnazardan öwrenilýär.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň kümüş çäjiniň belende galmagyny, gaýratly ýüpekçilerimiziň pile öndürmek boýunça şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli ýerine ýetirmeklerini arzuw edýäris.

*Aýna JEPBAROWA,*
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.*

*Şu günüň gürrüňi*

## SEBITLEÝIN SYÝASAT: gyradeň ösüşleri nazarlap

***Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň amala aşyrýan oýlanyşykly we öňdengörüjilikli döwlet syýasatynda sebitleriň durnukly ösüşi möhüm orun eýeleýär. Onda ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak we durmuş-ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmak ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda kesgitlenendir. Bu syýasatda sebitleriň öndüriji güýçlerini hem-de önümçilik gatnaşyklaryny doly derejede ulanmak baş maksat bolup durýar.***

**Türkmenistanyň** Prezidentiniň degişli Buýrugy esasynda, 2013-nji ýyldan bäri ýurdumyzyň ähli sebitlerini durnukly ösdürmek, döwrebap tehnologiýalar ornaşdyrylan önümçilikleriň döredilmegini höweslendirmek hem-de ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli gowulandyrmak maksady bilen, etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň arasynda ähli görkezijiler boýunça iň ýokary netijeleri gazanmak ugrunda bäsleşik yglan edilýär. Ýylyň jemleri boýunça iň ýokary netije gazanyp, ýeňiji bolan göreldeli etraby ýa-da etrap hukukly şäheri kesgitlemek boýunça topar döredilýär. Bäsleşikde ýurt boýunça ýeňiji bolan etrabyň ýa-da etrap hukukly şäheriň häkimligi 1 million amerikan dollary möçberinde pul baýragy bilen sylaglanýar.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi degişli ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň häkimlikleri hem-de jemgyýetçilik guramalary bilen bilelikde ýylyň jemleri boýunça göreldeli etraby kesgitlemegiň Tertibini taýýarlaýar. Oňa laýyklykda, bäsleşigiň ýeňijisini kesgitlemek durmuş, ykdysady, ekologiýa we medeni taýdan ähli görkezijileri hasaplamak arkaly amala aşyrylýar. Durmuş ulgamy boýunça görkezijileriň bahalandyrmasy degişli döwlet maksatnamalarynyň ýerine ýetirilişi we telekeçiligiň ösdürilmegi bilen kesgitlenilýär. Ykdysady ulgam boýunça görkezijileriň bahalandyrmasy pagta we bugdaý, maldarçylyk, ekerançylyk önümleriniň öndürilmegi, mallaryňdyr guşlaryň baş sanynyň artmagy, býujetiň görkezijileri, raýatlaryň iş, mellek ýerleri hem-de ýaşaýyş jaýlary bilen üpjünçiligi boýunça kesgitlenilýär. Ekologiýa ulgamy boýunça görkezijileriň bahalandyrmasy bolsa ýurdy bagy-bossanlyga öwürmek we ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça bellenilýär. Medeniýet, bilim we sport ulgamlary babatda görkezijileriň bahalandyrmasy halkara, döwlet, welaýat we Aşgabat şäher derejesinde medeni, bilim, şol sanda internet arkaly geçirilen bäsleşiklerde we sport ýaryşlarynda ýeňişli orunlaryň sany hem-de bilim edaralarynyň pedagogik işgärleriniň arasynda döwlet derejesinde geçirilýän «Ýylyň mugallymy» hem-de «Ýylyň terbiýeçisi» bäsleşiklerinde baş baýraga mynasyp bolanlary hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Şeýle-de sagdyn jemgyýeti gurmak we onuň goraglylygyny üpjün etmek boýunça görkezijiler bahalandyrylýar.

Gürrüňi edilýän bäsleşik yglan edilip başlanan döwründen bäri, 2013-nji we 2023-nji ýyllaryň jemleri boýunça Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etraby, 2014-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Görogly etraby, 2015-nji ýylda Mary welaýatynyň Ýolöten etraby, 2016-njy ýylda Lebap welaýatynyň Farap etraby, 2017-nji ýylda Mary welaýatynyň Wekilbazar etraby, 2018-nji ýylda Balkan welaýatynyň Esenguly etraby, 2019-njy ýylda Ahal welaýatynyň Gökdepe etraby, 2020-nji ýylda Daşoguz welaýatynyň Şabat etraby, 2021-nji ýylda Lebap welaýatynyň Dänew etraby, 2022-nji ýylda Balkan welaýatynyň Magtymguly etraby, 2024-nji ýylda Mary welaýatynyň Sakarçäge etraby iň göreldeli etraplar boldy. Ýeňiji bolan etraplaryň häkimlikleri, Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Buýrugy esasynda, 1 million amerikan dollary möçberinde pul baýragy bilen sylaglanyldy. Sylag berlen pul serişdeleri bu etraplaryň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has ýokarlandyrmaga gönükdirildi. Hususan-da, sylag berlen pul serişdeleriniň hasabyna Ýolöten etrabynda «Bagtyýarlyk şuglasy» çagalar dynç alyş meýdançasy, Farapda «Çagalar dünýäsi» medeni-dynç alyş merkezi, Wekilbazarda «Bagtyýar nesiller» çagalar dynç alyş seýilgähi, Esengulyda «Çagalar dünýäsi» medeni-dynç alyş merkezi, Şabatda çagalar üçin döwrebap dynç alyş seýilgähi, Magtymguly etrabynda «Arkadagly nesiller» çagalar dynç alyş merkezi, Dänewde «Çagalar dünýäsi» medeni-dynç alyş merkezi gurlup ulanmaga berildi.

Şu ýylyň 13-nji fewralynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde 2025-nji ýylda bäsleşigiň jemleri boýunça durmuş, ykdysady we medeni görkezijiler babatda iň gowy netijeleri gazanan Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etraby onuň ýeňijisi diýlip yglan edildi. Köneürgenç agrar-senagat ähmiýetli etrap bolmak bilen, mümkinçilikleri boýunça welaýatyň ykdysady ösüşinde möhüm orny eýeleýär. Oba milli maksatnamasynyň çäklerinde 2025-nji ýylyň sentýabr aýynda bu etrabyň Täzeýol geňeşliginde täze döredilen Bitaraplyk şäherçesi açyldy. Bu döwrebap şäherçede 400 sany ýaşaýyş jaýynyň we 23 sany desgalardyr inženerçilik ulgamlarynyň gurluşyklary tamamlanyp, ulanmaga berildi. Täze şäherçäniň çäginde geňeşligiň edara binasy, multimedia tehnologiýalary bilen üpjün edilen 420 orunlyk umumybilim berýän mekdep, 160 orunlyk çagalar bagy, saglyk öýi, 200 orunlyk medeniýet öýi, 500 orunlyk toý mekany, hyzmatlar öýi, söwda merkezi, azyk we senagat harytlary dükanlary, çörek we çörek önümlerini öndürýän kiçi kärhana, alkogolsyz içgileri öndürýän kärhana, limon we kömelek ýetişdirilýän ýyladyşhanalar, aragatnaşyk bölümi, ýangyn howpsuzlyk bölümi, söwda-hyzmat ediş binalary, suw we lagym geçiriji ulgamlar ulanmaga berildi. Köneürgenç etraby ata Watanymyzyň taryhy-medeni ýadygärliklere-de baý künjekleriniň biridir. Bu ýerde Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen gadymy ýadygärlikler hemişe dünýä jahankeşdeleriniň, taryhçy alymlaryň, arheologlaryň ünsüni özüne çekmek bilen, ýurdumyzda syýahatçylygy ösdürmekde-de örän ähmiýetlidir.

Mahlasy, döwletli Diýarymyzda maksatnamalaýyn esasda, oýlanyşykly alnyp barylýan sebitleýin syýasat ýurdumyzyň ähli sebitleriniň gyradeň ösdürilmegini, raýatlaryň bagtyýar we bolelin ýaşaýşynyň yzygiderli üpjün edilmegini nazarlaýar. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, adam hakyndaky aladany ähli zatdan ileri tutýan durmuş ugurly döwlet syýasatynda «Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer ýörelgeleriň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň aýdyň güwäsidir.

*Seidnur JAPBAROW,*
*Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Strategiýa we durnukly ösüş müdirliginiň başlygy.*

# BAÝDAGYŇ BELENTDIR DÜNÝÄŇ ÖNÜNDE!

AGROSENAGAT PUDAGY

## YKDYSADY KUWWATLYLYGY PUGTALANDYRYP

***Agrosenagat toplumyny depginli ösdürmek hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biridir. 13-nji fewralda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde 2025-nji ýylda jemi içerki önümiň ösüşinde oba hojalygynyň paýynyň 7 göterime deň bolandygy, 2024-nji ýyl bilen deňeşdirilende, ýurdumyzyň oba hojalygynda öndürilen gök önümleriň 11,8 göterim, bakja önümleriniň 11,7 göterim, ýeralmanyň 4,7 göterim, ýumurtganyň 8 göterim, süýdüň 2,1 göterim artandygy aýdyldy. Bu bolsa oba hojalygyndaky özgertmeleri mundan beýläk-de kämilleşdirmek, bu ugurdaky işleri döwrebap usulda guramak, pudaga hususy önüm öndürijileri giňden çekmek babatda alnyp barylýan işleriň öz miwelerini eçilýändigini görkezýär.***

**Mälim** bolşy ýaly, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzyň önüm öndürijilerine hemmetaraplaýyn goldaw bermäge gönükdirilen oýlanyşykly syýasaty azyk senagatynda amala aşyrylýan özgertmeleriň netijeli häsiýete eýe bolmagyny şertlendirýär. Bu strategiýa laýyklykda, oba hojalygyny diwersifikasiýalaşdyrmaga gönükdirilen ulgamlaýyn çäreler durmuşa geçirilip, maldarçylyk, guşçulyk, balykçylyk, bagçylyk, üzümçilik, bakjaçylyk sazlaşykly ösdürilýär. Ekerançylyk ýerlerini netijeli peýdalanmak, ekinleriň hasyllylygyny ýokarlandyrmak, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak meseleleriniň çözgüdini nazarlaýan işler hem dowam etdirilýär. Oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek boýunça dünýäniň meşhur kompaniýalarynyň ýokary öndürijilikli tehnikalaryny, önümçilik kärhanalary üçin döwrebap enjamlary satyn almak, önümçilige ösen tejribeleri giňden ornaşdyrmak babatda ähli ýeňilliklerdir şertler döredilýär.

Diýarymyzda oba hojalyk toplumynyň düzümleriniň, hyzmat edýän pudaklaryň enjamlaşdyrylmagyna, döwrebaplaşdyrylmagyna, gaýtadan işleýän oba hojalyk kärhanalarynyň, mineral dökünleri öndürýän zawodlaryň gurluşygyna uly möçberde maýa goýum serişdeleriniň gönükdirilýändigini bellemek gerek. Ýurdumyzyň içerki bazarlary özümizde öndürilýän çörek we çörek önümlerini, et we süýt, ýumurtga, gök-bakja önümleri, miwelerdir ir-iýmişler bilen üpjün edilip, ilata ýokary hilli önümler hödürlenilýär. Hormatly Prezidentimiz daşary ýurtlardan getirilýän önümleriň ornuny tutýan ýerli önümçilikleri döretmek meselesine uly ähmiýet berýär. Häzirki wagtda Türkmenistan öz-özüni gündelik isleg bildirilýän azyk önümleri bilen üpjün edýän ýurtlaryň hataryna goşuldy. Çünki güneşe baý Diýarymyzyň toprak-howa şertleri ene topragymyzdan ekinleriň dürli görnüşlerini ösdürip ýetişdirip, olardan ýokary hasyl almaga mümkinçilik berýär.

Oba hojalyk pudagynda durmuşa geçirilýän düýpli özgertmeler, kiçi we orta telekeçilige berilýän hemmetaraplaýyn goldawlar ýurdumyzda azyk bolçulygynyň üpjün edilmeginde uly ähmiýete eýedir. Şoňa görä, azyk önümlerini öndürýän hususy düzümleriň Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň artmagyna goşýan goşandy ýylsaýyn ýokarlanýar. Işewürler tara-pyndan Watanymyzyň dürli künjeklerinde gurlan döwrebap maldarçylyk, guşçulyk toplumlarynda gara mallar, goýundyr geçiler, towuklar, şol sanda hind towuklary, düýeguşlar idedilýär. Gaýtadan işleýän azyk kärhanalarynyň sanynyň barha artýandygy, olarda dürli görnüşli et, süýt, şöhlat önümleriniň, konserwirlenen gök önümlerdir miweleriň, gazlandyrylan alkogolsyz içgileriň, konditer önümleriniň uly möçberde öndürilip, elýeterli bahadan halka ýetirilýändigi guwandyryjydyr. Ilaty gök, bakja, miwe önümleri bilen ýylyň ähli paslynda ýeterlik möçberde üpjün etmek üçin häzirki zaman sowadyjy ammarlary gurulýar.

Halkymyzyň artýan isleglerini ýokary derejede kanagatlandyrmak maksady bilen gurlup ulanmaga berlen ýyladyşhanalarda hemme pasylda bakja ekinleriniň dürli görnüşleri ösdürilip ýetişdirilýär. Häzirki wagtda ýyladyşhana şertlerinde limon, banan we beýleki sitrus miweleri ýetişdirmek hususy önüm öndürijileriň arasynda giň gerime eýe boldy. Şeýlelikde, indi uzak ülkelerden getirilýän ekzotik nygmatlary ýerli bazarlarymyzdan satyn almak mümkin. Bu bolsa, yhlas etseň, bereketli türkmen topragynda dür öndürip bolýandygynyň ajaýyp mysalydyr.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary esasynda ilaty azyk önümleri bilen üpjün etmegiň derejesiniň ýokarlandyrylmagy durmuş-ykdysady meseleleri çözmekde möhüm orny eýeläp, ol ykdysadyýet, durmuş-demografiýa, ekologiýa ugurlary bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanan özgertmeleriň mynasyp dowam etdirilmegi bilen, azyk önümlerini gaýtadan işleýän desgalaryň işiniň kämilleşdirilmegi, şonuň esasynda ýokary hilli, dürli görnüşleri harytlaryň öndürilýän möçberiniň artdyrylmagy babatda ähli zerur şertler döredilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda-da agrosenagat pudagy azyk bolçulygyny üpjün edip, Watanymyzyň eksport kuwwatynyň ýokarlandyrylmagyna saldamly goşant goşmagyny dowam etdirýär.

*Batyr BERDIÝEW.*
*Türkmenistanyň*
*Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi.*

BEÝIK IŞLERIŇ DÖWRI

## GELJEKKI BINAGÄRLERIŇ DÖWREBAP BILIM OJAGY GURULÝAR

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe pederlerimiziň gurmak we döretmek baradaky asylly ýörelgeleri täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Ak mermerli paýtagtymyz Aşgabadyň döwrebap binagärlik keşbi diňe bir gözelligiň däl, eýsem, ýurdumyzyň sarsmaz ykdysady kuwwatynyň, ylmy-intellektual ösüşleriniň we parahatçylyk söýüjilikli syýasatynyň aýdyň nyşanyna öwrüldi. Bu ägirt uly ösüşleriň iň täze, taryhy we ajaýyp nusgalarynyň biri hökmünde paýtagtymyzyň Görogly köçesiniň ugrunda döredilýän täze ylym-bilim şäherjigini — gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň döwrebap binalar toplumyny hem görkezmek bolar. Ol Watanymyzda ýokary tehnologiýalara, ylma we ýaşlaryň dünýä ülňülerine laýyk bilim almagyna aýratyn üns berilýändiginiň aýdyň mysalydyr.***

**Täze** toplum döwrümiziň innowasion ruhuny özünde jemläp, geljekki binagärleriň, inženerleriň we alymlaryň täze nesillerini kemala getirjek mukaddes ylym-bilim ojagyna öwrüler. Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň 5 müň orunlyk täze binalar toplumy özüniň ululygy we häzirki zaman tehnologik üpjünçiligi bilen sebitde deňi-taýy bolmadyk ajaýyp talyplar megi bolsa bu toplumyň hakyky hünärmenleriň we döredijilikli gurluşykçylaryň mekanydygyny aýan edýär. Olar inženerçilik takyklygynyň, durnuklylygyň we gurluşyk sungatynyň nyşanlarydyr.

Toplumyň düzümine girýän 4 sany döwrebap okuw binasy, 1 müň orunlyk kaşaň mejlisler zaly, iň soňky ylmy neşirler bilen üpjün ediljek kitaphana, sergi merkezi we dünýä ölçegleriniň aýdyň görkezijisidir. Institutyň taslama işlerini alyp barmak boýunça ýörite ygtyýarnamasynyň bolmagy we şol esasda halypa binagärleriň ýolbaşçylygynda talyplaryň alyp barýan dizaýn işleri olarda geljekki kärine bolan çäksiz söýgini, hünär ukyplaryny, jogapkärçilik duýgusyny has-da artdyrýar.

Täze binalar toplumynyň gurluşygynda innowasion tehnologiýalara, serişde tygşytlaýjy ulgamlara, sanlylaşdyrma aýratyn orun berilýär. Häzirki wagtda gurluşyk-gurnama işleriniň köp bölegi tamamlanyp, hil görkezijilerine berk gözegçilik edilýär.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ
«TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY»
ATLY BÄSLEŞIGINE

***Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze, döwrebap binalar toplumynyň dabaraly açylyşy ak mermerli paýtagtymyz Aşgabadyň şähergurluşyk senenamasyna altyn harplar bilen ýazylar. Bu ýerde kemala geljek ýaş binagärler, inženerler we tehnologlar Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen belent we ynsanperwer syýasatynyň durmuşa geçirilmegine özleriniň döredijilikli zähmeti hem-de bilimleri bilen mynasyp goşant goşarlar.***



hem-de professor-mugallymlar şäherjigidir. Döwlet Baştutanymyzyň hut özüniň gatnaşmagynda we ak pata bermegi bilen düýbi tutulan bu täze desgalar toplumy ýurdumyzda innowasion pikirlenmäniň we inženerçilik zehininiň pajarlap ösmegi üçin döredilýän ýokary derejeli şertleriň aýdyň mysalydyr. Taslamanyň durmuşa geçirilmegi talyplara nazary bilimleri özleşdirmek bilen birlikde, halkara ülňülere laýyk gelýän döwrebap tejribehanalarda ylmy açyşlary etmäge, milli gurluşyk we binagärlik sungatymyzy täze belentliklere götermäge uly itergi berer.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze binalar toplumynyň binagärlik keşbi, üýtgeşik binýady we 15 gatdan ybarat esasy binasynyň asmana sary boý alýan belentligi görenleri haýrana goýýar. Binanyň daşky bezeginde gurluşykçy-binagärleriň işindäki iň esasy gurallar bolan sirkulyň (pergaryň) keşbiniň çeperçilik bilen ýerleşdirilmegi bolsa ... ne laýyk gelýän sport toplumy bitewi sazlaşygy emele getirýär. Bu ýerdäki her bir diwar, bezeg nagşy milli binagärlik ýörelgelerimiz bilen iň häzirki zaman tehnologiýalarynyň gaýtalanmajak sazlaşygyny görkezýär. Taslamada türkmen halkynyň gadymy medeni mirasy we döredijilik ruhy bilen innowasion çözgütler, ýokary tizlikli sanly ulgamlar we «akylly» binalaryň aýratynlyklary utgaşdyrylandyr. Bu bolsa geljekki binagärleriň we inženerleriň diňe bir ýokary hilli bilim almagyna däl, eýsem, estetiki taýdan kämil, ruhy taýdan baý we döredijilikli gurşawda kemala gelmegine hyzmat eder.

Bu ägirt uly taslamanyň iň buýsançly tarapy täze binalar toplumynyň şekil taslamasynyň hut Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň tejribeli mugallymlarynyň hem-de zehinli talyp ýaşlarynyň gatnaşmagynda taýýarlanmagydyr. Munuň özi halypa-şägirtlik ýörelgesiniň täze mazmun bilen baýlaşdyrylýandygyýär. Institutymyz Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasynyň (UNDP) Türkmenistandaky wekilhanasy bilen işjeň hyzmatdaşlykda täze binalar üçin energiýany we suwy tygşytlaýan, ekologiýa taýdan arassa, durnukly «ýaşyl» binalar (Green Building) üçin halkara güwänamalary almak ugrunda işleri alyp barýar. Mundan başga-da, institutyň bilim hyzmatlarynyň hilini halkara derejä çykarmak üçin ISO standartlaryny ornaşdyrmak boýunça ylmy-usulyýet okuwlary geçirilýär.

Binalar toplumynda döwrebap sanly ulgamy dolandyryş merkezleriniň, täze açylan raýat goranyşy, maglumat howpsuzlygy we ýol gurluşygy ýaly möhüm hünärler üçin dünýäniň öňdebaryjy öndürijileriniň enjamlary bilen üpjün edilen ýöriteleşdirilen ylmy-barlag tejribehanalarynyň bolmagy talyplaryň kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine giň ýol açýar.

Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň täze, döwrebap binalar toplumynyň dabaraly açylyşy ak mermerli paýtagtymyz Aşgabadyň şähergurluşyk senenamasyna altyn harplar bilen ýazylar. Bu ýerde kemala geljek ýaş binagärler, inženerler we tehnologlar Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen belent we ynsanperwer syýasatynyň durmuşa geçirilmegine özleriniň döredijilikli zähmeti hem-de bilimleri bilen mynasyp goşant goşarlar. Bu ýerde alnyp baryljak ylmy işler, taýýarlanyljak dissertasiýalar we taslamalar geljekde Türkmenistanyň binagärligini, gurluşygyny ösdürmäge we senagat kuwwatyny has-da berkitmäge, bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmäge gönükdiriler.

Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýaş nesliň sagdyn, bilimli, kämil bolup ýetişmegi üçin edýän ägirt uly tagallalary, döredip berýän döwrebap şertleri we bildirýän belent ynamy üçin tüýs ýürekden alkyşlarymyzy beýan edýäris, janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli işleriniň elmydama rowaç bolmagyny arzuw edýäris.

*Amanmyrat ARAZOW,*
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň ylym bölüminiň başlygy.*

TÜRKMENISTAN — BAGY-BOSSAN

## TEBIGATY BAÝLAŞDYRMAKDA MÖHÜM WEZIPELER

***13-nji fewralda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň daşky gurşawyny gorap saklamak, ekologiýa syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmek hem-de türkmen tebigatyny has-da baýlaşdyrmak maksady bilen Türkmenistanda 2026-njy ýylda saýaly, pürli, miweli baglaryň we üzümiň umumylykda 3 million düýp nahalyny ekmek barada degişli Karara gol çekdi.***

Ýurdumyzyň ekologiýa syýasaty yzygiderli we toplumlaýyn häsiýetde üstünlikli amala aşyrylýar. Diýarymyzda şäherdir obalaryň durkunyň täzelenip, täze binalaryň gurulmagy bilen bir hatarda, bezeg agaçlarynyň, gülleriň dürli görnüşleri ekilip, adam eli bilen medeni landşaft gözellikleri döredilýär. Daragtlaryň gözelligi, ekologiýa taýdan ähmiýeti ynsan saglygyna oňaýly täsirini ýetirýär. Munuň özi ýurdumyzyň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň baýlaşmagynda hem uly ähmiýete eýedir. Tebigata aýawly garamak, her bir baýlygyny gözüň göreji deýin gorap saklamak we geljek nesillere miras goýmak halkymyzyň gadymdan gelýän asylly ýörelgesidir we ol häzirki döwürde hem mynasyp dowam etdirilýär.

Garagum sährasynda ösýän her bir daragtyň ekologik peýdasy, daşky gurşawa ýetirýän täsirleri bar. Ýurdumyzyň dag ekoulgamynda hem tokaý agaçlarynyň dürli görnüşleri ýaýrandyr. Türkmen arçasy, dagdan, türkmen kerkawy, pisse, zirk, alyç, hoz we başga-da birnäçe daragtlar daglarymyza gözellik berýär. Milli tokaý maksatnamasyny ýerine ýetirmek bilen baglylykda, döwlet tebigy goraghanalarynda dürli daragtlary ekip ýetişdirmekde uly tejribeler toplandy. «Köpetdag» döwlet tebigy goraghanasynyň ylmy-tejribe meýdançasynda hem-de «Bakja» ylmy-tejribe meýdançasynda agaçlaryň dürli görnüşleri ösdürilip ýetişdirildi we tebigy ýerlere göçürildi. «Bakja» meýdançasy Uly we Kiçi Bakja derýajyklaryna golaý ýerleşýän ýerdir. Dag depelerinden seredeniňde, dag aralygyndaky meýdanda goraghananyň işgärleriniň ençeme ýyllyk zähmetiniň netijesinde dörän giden bagy-bossanlyga gözüň düşýär. Jana şypaly çeşmeleriň birnäçesiniň gözbaşy şu ýerdedir. Çeşmeleriň golaýynda 2004-2005-nji ýyllarda ekilen çynar agaçlary hem tebigata aýratyn gözellik berýär. Badam agajynyň hem dürli görnüşleri ösdürilip ýetişdirildi. Süýji şänikli badam agaçlarynyň meýdanlary giňeldildi. Pisse agajynyň aýratyn meýdançasy döredilip, ýokary hasylly pisse agaçlary bilen sapmak işleri geçirildi. Goraghanada türkmen arçasy, türkmen kerkawy, arguwan, pisse, hoz agajy ýaly agaçlary ösdürip ýetişdirmek boýunça oňyn netijeler gazanyldy. Türkmen arçasyny ýetişdirmek örän köp zähmeti talap edýär. Şeýle hem goraghanada Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen pars rýabinasy, endemik ösümlik bolan sübseli badam agajy ösdürilip ýetişdirildi. «Köpetdag» döwlet tebigy goraghanasynyň ylmy-tejribe meýdançasynda Botanika bagynyň, botanika muzeýiniň döredilmegini maksadalaýyk hasaplamak bilen dürli agaçlar hem-de güller ekildi. Meýdançada çigildemleriň tebigy hem medeni görnüşleri bar. Irki baharda açylýan güllerden dälijegöjele, ýylan sogany eýýäm fewral aýynyň ikinji ongünlüginde gülläp başlady. Goraghana gelýän ildeşlerimiz, talyplar, daşary ýurtly myhmanlar bu ýerdäki agaçlaryň görnüşleri bilen içgin gyzyklanýarlar. Türkmen topragynda ösýän agaçlaryň taryhy, daşky gurşawa berýän peýdasy, olary ekip ýetişdirmegiň usulyýeti baradaky gürrüňleri uly gyzyklanma bilen diňleýärler.





Elbetde, her bir daragtyň öz ähmiýeti bar. Ildeşlerimiziň arasynda, köplenç, yrgaý agajy hakda soraýanlary köp duş gelýär. Halk döredijiliginde «Agajyň gowusy yrgaý...» diýlip wasp edilen bu agaç gyrymsy agaçlara degişli bolup, Köpetdagda, Uly Balkan dagynda we Köýtendagda onuň dürli görnüşleri ösýär. Ýurdumyzda onuň 7 görnüşi ýaýrap, käbir görnüşleriniň şahalarynyň beýikligi 2 metrden gowrak bolýar. Onuň şahalaryndan ýaşulular üçin hasa ýasalypdyr. Bäherden etrabynyň Nohur obasynda yrgaý agajyndan ussatlyk bilen bejerilen çopan taýaklaryny gördük. Şeýle hem yrgaýyň miwesinden birnäçe guşlardyr ýabany haýwanlar iýmitlenýär.



Alyç agajynyň ähmiýetine hem ünsi çeksek ýerlikli bolar. Türkmenistanda onuň 8 görnüşi ösýär. Alyjyň dermanlyk häsiýetleri, ýaýran ýerleri barada Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda jikme-jik beýan edilýär. Bu agajyň gülleri, miweleri, ýapraklary, esasan, ýürek-damar keselleri üçin melhemlik serişdedir. Bu daragt ösýän ýerlerinde ýabany haýwanlar üçin aýratyn bir iýmitlik gory hökmünde hyzmat edýär. Hojalyklarda zenanlar alyjyň miwelerinden bal hem-de şerbet taýýarlaýarlar. Günorta-günbatar Köpetdagda ösýän Nikitiniň alyjy, Köpetdagyň merkezi we günorta-günbatar böleginde ösýän Pontiýa alyçlary Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň 4-nji neşirine girizildi. Bu ýabany miweli agajyň gymmatly genofonduny gorap saklamak we köpeltmek uly ähmiýete eýedir. «Köpetdag» döwlet tebigy goraghanasynyň botanika bagynyň-muzeýiniň meýdanynda alyjyň 4 görnüşi ösdürilip ýetişdirildi. Geljekde beýleki görnüşlerini hem ekmek meýilleşdirilýär. Bu babatda maglumatlar gorunyň döredilmegi maksadalaýyk hasaplanylyp, tebigy meýdanlarda ýaýran ýerleri öwrenilýär. Goraghananyň Bakja meýdanynda hem türkmen alyjynyň meýdanlary giňeldildi. Bu daragt tohumyndan gowy gögerýändigi bilen tapawutlanýar.

Ýurdumyzyň ekologiýa şertlerine laýyklykda başga ýurtlardan getirilen bezeg ähmiýetli agaçlaryň meýdanlary giňeldildi we uly tokaý toplumlaryna öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde gol çeken Kararyna laýyklykda, pürli agaçlar bilen bir hatarda, miweli baglaryň we üzümiň meýdanlarynyň giňeldilmegi baradaky tabşyryklary geljekde ilaty dürli miwe önümleri bilen bolelin üpjün etmekde, türkmen topragynda ýetişdirilen miwe hasylyny daşary ýurtlara eksport etmek bilen ykdysady taýdan girdeji gazanmakda hem uly sepgitlere ýetmäge mümkinçilikleri döreder.

Geografik taýdan ýerleşýän zolagyna laýyklykda Gün şöhlesiniň bol düşýän ýurdy bolan türkmen topragynda bitýän miweleriň, gök-bakja ekinleriniň tagamy başgaçadyr. Tebigy meýdanlarymyzda ylmy barlaglary geçirenimizde, hemişe akademik Wawilowyň täsirli sözlerini ýatlaýarys. Ol ýurdumyzyň daglarynyň, esasan-da, Günorta-günbatar Köpetdagyň tebigatyna haýran galyp: «Türkmenistan — ýabany miweli agaçlaryň gymmatly genofonduna baý ýurt» diýip belläpdir. Şeýlelikde, täsin tebigatymyzda bezeg, ýaprakly daragtlaryň, miweli baglaryň, üzümiň dürli görnüşlerini köpeltmek hem-de meýdanlaryny giňeltmek täsin tebigatymyza egsilmejek gözellik berer, ekologiýa taýdan arassa gurşawyň sazlaşygyny döreder.

*Aknabat POTAÝEWA.*
*«Köpetdag» döwlet tebigy goraghanasy.*

HAKYDA

# PARAHATÇYLYGY ÜNDÄN ÝAZYJY

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen edebiýatyny, medeniýetini we sungatyny ösdürmäge uly goşant goşan ýazyjy-şahyrlaryň edebi mirasyna uly hormat goýulýar, olar hatyralanyp, sarpasy belent tutulýar. Golaýda Gökdepe etrabynyň Yzgant şäherçesindäki Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky Medeniýet köşgünde Magtymguly adyndaky Halkara baýragyň eýesi, ýazyjy Nurmyrat Saryhanowyň doglan gününiň 120 ýyllygy mynasybetli geçirilen döredijilik duşuşygy hem munuň aýdyň güwäsidir.***



**Döredijilik** duşuşygyna gatnaşyjylar, ilki bilen, Gökdepe etrabynyň Yzgant şäherçesindäki Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky Medeniýet köşgüniň giň zalynda kitap sergisi bilen tanyşdylar. Bu ýerde guralan sergide türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň halkymyza serpaýy bolan çuňňur paýhasly kitaplary, şeýle hem ýurdumyzyň ýazyjy-şahyrlarynyň gymmatly eserleri ýerleşdirilipdir.

Döredijilik duşuşygynda ýazyjynyň neberelerine, ýazyjy-şahyrlaryň çykyşlaryna orun berildi.

Ýazyjynyň ady dakylan agtygy Nurmyrat Saryhanow öz çykyşynda:

— Meniň ejem babamyň — Nurmyrat Saryhanowyň ýeke perzendi. Babamyň adynyň dakylmagy meniň üçin uly bagt. Onuň döredijiligine belent hormat-sarpa goýulmagy biziň ählimizi buýsandyrýar. Häzirki wagtda babamyň heýkeli Aşgabat şäherindäki «Ylham» seýilgähinde, şeýle hem Moldowada ýerleşdirildi. «Şükür bagşy» çeper filminde filosofik-ynsanperwer ideýalary beýan edendigi üçin babam Nurmyrat Saryhanowa 1992-nji ýylda Magtymguly adyndaky Halkara baýrak berildi. Babamyň «Şükür bagşy», «Kitap» ýaly eserleri häzirki wagtda ýaş nesillerde parahatçylyga, abadan durmuşa bolan söýgini, kitaplara bolan hormaty, sungatyň, sazyň güýji bilen asudalygy, agzybirligi, ynsanperwer ýörelgeleri kemala getirmekde örän ähmiýetlidir — diýip, buýsanç bilen gürrüň berdi.

Milli Liderimiz: «Dünýä edebiýatynyň iň gowy eserlerinde bolşy ýaly, Nurmyrat Saryhanowyň «Şükür bagşy» powestiniň müdimi ideýalary okyjynyň göwün diýenine laýyk gelýär» diýmek bilen, «Şükür bagşy» powesti esasynda surata düşürilen adybir kinofilmiň terbiýeçilik ähmiýetini aýratyn nygtap geçýär.



Şunuň bilen baglylykda, döredijilik duşuşygynda ýazyjy Nurmyrat Saryhanowyň «Şükür bagşy», «Kitap» ýaly eserleri esasynda surata düşürilen filmlerden parçalar tomaşaçylarda ýakymly täsir galdyrdy. Döredijilik duşuşygynda ýerine ýetirilen aýdym-sazlarda «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynyň şöhratly wakalary, beýik ösüşlere beslenýän Watanymyz giňden wasp edildi.

Nurmyrat Saryhanow 1906-njy ýylda Yzgantda doglup, 1925-nji ýylda olaryň maşgalasy Aşgabadyň golaýyndaky Gökje obasyna göçüp gelipdir. Edebiýata höwesli Nurmyrat Saryhanow ilkibaşda «Türkmenistan» gazetiniň oba habarçysy bolup işleýär hem-de oba durmuşy bilen bagly birnäçe habarlary ýazýar. 1926-njy ýylda «Türkmenistan» gazetinde edebiýat bölüminiň we «Edebiýat sahypasynyň» açylmagynda Nurmyrat Saryhanow, Ýakup Nasyrly, Garaja Burunow ýaly ýazyjylar uly işleri bitiripdirler. N.Saryhanow «Ýaş kommunist» gazetiniň baş redaktory, «Gyzyl Goşun» gazetiniň jogapkär kätibi, «Sowet edebiýaty» (häzirki «Garagum») žurnalynda edebi işgär, Türkmenistanyň Ýazyjylar birleşiginde maslahatçy ýaly dürli wezipelerde zähmet çekipdir.

Ýazyjy N.Saryhanow 1942-nji ýylda meýletinlik bilen 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşuna gidýär. Ony Marynyň otly menzilinden Ata Gowşudow, Aleksandr Aborskiý, Penje Agalyýew, Ata Salyh dagy ugradypdyrlar. Ol söweş meýdanynda edermenlik görkezip, 1944-nji ýylyň 4-nji maýynda wepat bolupdyr.

N.Saryhanow gysga ömründe «Şirin», «Kitap», «Arzuw», «Soňky öý», «Ak tam», «Giýew» ýaly hekaýalary, «Şükür bagşy», «Ýagtylyga çykanlar», «Gyzgyn günler» ýaly powestleri we başga-da ençeme eserleri döredip, halkymyza miras galdyrdy. Onuň eserleri dürli ýyllarda türkmen, rus, iňlis, fransuz, pars dillerinde çap edildi. Ýazyjy Aleksandr Fadeýew öz döwründe Nurmyrat Saryhanowyň Moskwada neşir edilen hekaýalaryny okap: «Saryhanow biziň diri we ajaýyp sowet edebi mirasymyzdyr» diýip, ýazyjynyň eserlerine ýokary baha beripdir.

Şeýle bir waka ýadyma düşýär: 2015-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Astrahan şäherinde Hazarýaka döwletleriň ýazyjy-şahyrlarynyň «Hazar — dostluk deňzi» atly döredijilik duşuşygy geçirildi. Şol duşuşyga Türkmenistanyň halk ýazyjysy Orazguly Annaýew ikimiz hem gatnaşdyk. Duşuşykda çykyş eden astrahanly şahyr Ýuriý Şerbakow şeýle bir wakany gürrüň berdi. Ol heniz mekdepde okaýan döwründe Nurmyrat Saryhanowyň «Kitap» hekaýasyny okapdyr. Bu hekaýa Ýuriý Şerbakowyň geljekde ykbalyny edebiýata baglamagyna sebäp bolupdyr.

Ýazyjy, şahyr Çary Gurbangylyjow Nurmyrat Saryhanow bilen ilkinji duşuşygy barada «Mydam halkyň arasynda» atly makalasynda 1939-njy ýylda bolan wakany ýatlapdyr. Olaryň ilkinji duşuşygy Peşanalynyň çaýhanasynda bolupdyr. Çary aga şonda Nurmyrat Saryhanow bilen çaýhanada duşuşandygyny, soňra öýlerine alyp gaýdandygyny ýatlapdyr. Olar ýolda gelýärkäler, Nurmyrat Saryhanow göçülip giden ýerdäki ojagy görüp säginipdir-de, tut çybygy bilen ojagy dürtgüläp, ojak hakynda-da bir hekaýa ýazylsa gowy boljakdygyny, şol ojakda nahar bişiren aýalyň içki-daşky dünýäsini, onuň eli kesewili ojaga odun salyp otyrka eden pikirlerini beýan etmelidigini, käte bolsa adamsy bilen nahara atylýan zatlaryň ýeter-ýetmezligi hakynda edýän gürrüňlerini hem suratlandyrmaly boljakdygyny, garaz, ojagyň daşynda aýlanyberseň, hekaýa boljakdygyny çyny bilen janygyp aýdypdyr. «Kiçi göwünli Nurmyrat Saryhanow bilen gürrüňimiz-de, häsiýetimiz-de alşyp gitdi. Ýekeje minut hem dymşyp oturamzokdyk. Köplenç söhbedimiz döredijilik hakynda gidýärdi. Ol ýaňyrak uzakdaky obalaryň birinde bolup, Welmyrat aga bilen duşuşandygy, onuň eline düşen Magtymgulynyň kitaby hakynda gyzygyp gürrüň berýär. Özüniň şol kitaby aljak bolup köp azap çekendigini, şonda-da ele salyp bilmän, ahyr zordan göçürip almaga maý tapandygyny aýdyp: «Baý, bir kitap üçin gören görgimi, heý, sen ýöne goýaýgyn» diýip, başyny ýaýkap, elini daldalap gülýär» diýlip, Çary aganyň makalasynda ýatlanylýar. Çary Gurbangylyjowyň makalasynda Nurmyrat Saryhanowyň Maryda bolan günlerinde Ata Salyh, Bekge Pürliýew, Ata Köpek ýaly meşhur ýazyjy-şahyrlar bilen duşuşyklary gyzykly wakalar arkaly beýan edilýär.

Bu gün meşhur ýazyjy Nurmyrat Saryhanowyň halkymyza miras goýup giden eserleri ýaş nesilleri watansöýüjilik, halallyk, ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemekde uly ähmiýete eýe bolýar. Türkmen edebiýatyny, medeniýetini we sungatyny ösdürmek, dünýä çykarmak ugrundaky bimöçber tagallalary üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýarys.

*Akmyrat REJEBOW,*
*Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri.*




*Adam hakda alada*

## Obalarda — döwrebap özgerişler

***Görogly etrabynyň Bereket geňeşligi tutýan meýdany hem-de etrabyň ykdysady gatnaşyklaryndaky orny boýunça iri düzümleriň biri hasaplanýar. Geňeşlik uly obalaryň 5-sini özünde birleşdirýär. Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň üstünlikli amala aşyrýan tutumlary, dowamly işleri esasynda bu obalarda kämil durmuş infrastrukturasy döredilýär, ilatyň ýaşaýyş şertleri ýokarlanýar.***

Häzirki wagtda bu geňeşlikde döwrebap sport mekdebi, 500 orunlyk medeniýet öýi, saglyk öýleriniň 4-si, söwda merkezleriniň hem 3-si oba ilatyna hyzmat edýär. Geňeşligiň çägini aralap geçýän ýollaryň jemi uzynlygy 22 kilometre barabar. Uzynguýy, Ýagtylyk, Goýunly obalarynyň ilaty merkezleşdirilen suw geçirijiler arkaly arassa agyz suwy bilen üpjün edildi. Merkezleşdirilen gaz geçirijileriň uzynlygy 94,6 kilometre, elektrik geçirijiler hem 88 kilometre barabardyr. Agramly bölegi täzeden gurlan, öňki hereket edýänleri dolulygyna abatlanan bu geçirijiler oba ilatynyň döwrümiziň eşretlerinden bökdençsiz peýdalanmagyna oňaýly täsir edýär.

Täze eýýamyň ýokary talaplaryna laýyklykda geňeşligiň çäginde çagalar baglarynyň 3-si, orta mekdepleriň 2-si guruldy. Geňeşligiň Ýylgynly hem Çarbagly obalarynyň her birinde üç kilometre barabar lagym geçirijiler çekildi. Bu obalarda ulag ýollarynyň, gaz hem elektrik geçirijileriniň onlarça kilometriniň gurluşygy tamamlandy.

*Amanmyrat SAPAROW.*
*(Öz habarçymyz).*

ÝÜREK SÖZI

## Il bähbitli işler

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze, döwrebap şäherçeler, obalar döreýär, innowasion enjamlary özünde jemleýän häzirki zaman iri senagat kärhanalary gurulýar. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň güwäsi bolan taryhy ähmiýetli işler sebitleriň hem barha özgermegine oňyn täsir etmek bilen, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrýar. Şeýle bolansoň, bu gün ildeşlerimiziň her biriniň ýüregi ajaýyp döwrümize buýsançdan, ylhamly kalby joşgundan doly.***

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly hem uly ösüş-özgerişliklere beslenýär. Şanly ýylyň ilkinji aýlaryndaky taryhy ähmiýetli wakalar, şatlykly habarlar, halk hojalygynyň dürli ugurlarynda gazanylýan zähmet üstünlikleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllygy giňden baýram ediljek ýylyň şöhrata beslenjekdiginiň güwäsidir. Hormatly Prezidentimiz 13-nji fewralda geçiren Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde şu ýyl öňde uly wezipeleriň durandygyny aýtdy. «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl ýurdumyzda umumy meýdany 900 müň inedördül metrden gowrak ýaşaýyş jaýlary, 3 müň 380 orunlyk umumybilim edaralary, 1 müň 80 orunlyk mekdebe çenli çagalar edaralary gurlup ulanmaga berler. Şeýle-de ençeme desgalaryň we binalaryň gurluşygyna badalga bermek, täze binalardyr desgalaryň gurluşygyny tamamlamak göz öňünde tutulýar. Gurluşygy tamamlanjak desgalaryň arasynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň çägindäki «Arçman» şypahanasynyň täze 400 orunlyk binalar toplumynyň bolmagy hasda guwandyrýar. Meşhur şypahananyň döwrebap binalar toplumynyň raýatlara hyzmat edip başlamagy bilen, bu ýerde mümkinçilikler artar, şertleriň gerimi giňär.

Ahal welaýaty ýurdumyzyň çalt depginler bilen ösýän, özgerýän sebitleriniň biri. Şanly ýylda welaýatyň çäginde ulanmaga beriljek desgalardyr binalar durmuş-ykdysady we senagat taýdan ösüşe täsir eder hem-de raýatlaryň iş üpjünçiligini gowulandyrar. Maşgalalaryň birnäçesi täze öýlere göçüp, jaý toýlaryny toýlar. Bu zatlar ýurdumyzda adam hakdaky aladanyň barha rowaçlanýandygyny görkezýär.

«Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgeden ugur alyp, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň has-da gülläp ösmegi, şan-şöhratynyň arşa göterilmegi, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşamagy ugrunda beýik işleri amala aşyrýan Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň döwletli tutumlarynyň hasda rowaçlanmagyny arzuw edýäris.

*Şirmuhammet ORAZOW,*
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Ahal welaýaty boýunça müdirliginiň harby gullukçysy, leýtenant.*

NESIL TERBIÝESI

# RUHY BAÝLYGA DAÝANYP

***Ýaş nesliň kämil bilimli, ýokary intellektual mümkinçiliklere eýe bolmagyny gazanmak «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda hem bu ugurdaky döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň hatarynda orun alýar. Muny 13-nji fewralda Ministrler Kabinetiniň 2025-nji ýylyň jemlerine bagyşlanyp geçirilen giňişleýin mejlisi hem aýdyň tassyklady.***

Mejlisiň dowamynda döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzda bilim edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň gerimini giňeltmek boýunça birnäçe möhüm wezipeleri öňde goýmagy we olary durmuşa geçirmek babatda anyk tabşyryklary bermegi ulgamyň işgärlerinden döwre görä täzeçe işlemegi talap edýär. Şunda ýaşlaryň häzirki zaman bilimlerini, ruhy mirasymyzyň dürdänelerini ykjam özleşdirmegini ýola goýmakda kitaphana işini döwrebap röwüşde guramaga hem aýratyn orun degişlidir.

Hormatly Prezidentimiziň bilim syýasaty köpugurly hem maksatnamalaýyn häsiýete eýedir. Onuň esasynda Milli Liderimiziň döreden berk binýady bar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyna» laýyklykda, şu ýyl 3 müň 380 orunlyk umumybilim edaralaryny, 1 müň 80 orunlyk mekdebe çenli çagalar edaralaryny gurup ulanmaga bermegiň meýilleşdirilýändigini mälim etmegi nusgalyk ýoluň mynasyp dowam etdirilýändigini aňladýar. Munuň özi ýurdumyzyň bagtly çagalygyň, geljege ynamly ösüşiň ýurdudygynyň, berkarar döwletimizde adam hakyndaky, milletiň geljegi baradaky aladanyň iň möhüm orunda durýandygynyň nobatdaky gezek dabaralanmasy boldy.

Döwrebap durmuş-ykdysady we medeni düzümleri döretmekde bolsa geçen ýyl Köneürgenç etrabynyň ýurdumyzyň etraplarynyň arasynda öňe saýlanmagy, iň gowy etrap diýen dereje ugrundaky bäsleşigiň ýeňijisi hem-de 1 million amerikan dollary möçberinde pul baýragyna mynasyp bolmagy demirgazyk sebitiň ähli ýaşaýjylaryny yhlasly, tutanýerli zähmete ruhlandyrdy. Gojaman Köneürgenjiň nowjuwan keşbini Bitaraplyk şäherçesi ýaly täze ilatly ýerler has-da bezeýär. Täze şäherçede körpeleriň 160-syna niýetlenen çagalar bagynyň, 420 orunlyk orta mekdebiň hem bina edilmegi ýaş nesliň döwrebap bilim-terbiýe almagy, ruhy we beden taýdan sazlaşykly ösmegi üçin ähli zerur mümkinçilikleriň göz öňünde tutulýandygynyň anyk görkezijisidir.



Türkmen ýaşlary ylym-bilim dünýäsinde gazanýan halkara üstünlikleri bilen Watanymyzyň abraýyny has-da belende göterýärler. Şeýle yhlasdyr zähmetiň aňyrsynda bolsa kitaplaryň bardygyna asla şübhe ýok. Ine, bir ýyldan gowrak wagt bäri döwlet Baştutanymyzyň tassyklan «Türkmenistanyň kitaphana ulgamyny ösdürmegiň 2025 — 2029-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy» hem-de bu maksatnamany amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasy üstünlikli durmuşa geçirilip gelinýär. Kitaphana işini kämilleşdirmekde täze gözýetimleri açyp, öňde möhüm wezipeleri goýan resminamadan ugur alnyp, mekdep kitaphanalarynda hem örän netijeli işler amala aşyrylýar. Okyjylary kitap okamaga çekmekde, täze neşir edilýän kitaplaryň ähmiýetini, many-mazmunyny wagyz etmekde täzeçe usullara ýüzlenilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyz kitap okamagyň ýaşlar üçin möhüm wezipedigini nygtap, «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly eserinde: «Biziň halkymyz kitaphon halk. Kitap okalyp, onuň mazmuny köpçülige ýetirilensoň, ol ruhy baýlyga öwrülýär. Kitapdan okalan, öwrenilen gymmatly bilimler hem terbiýäniň üsti bilen geljekki ýaşlara geçirilýär» diýýär. Kitaphana — mekdep durmuşynyň aýrylmaz bölegi. Oba ýerlerinde onuň hatda mekdepden daşarky ýaşaýjylar üçin-de ähmiýeti uly. Muny kitaphana gelýän ýerli ilatyň dürli edebiýatlar bilen gyzyklanyp, hemişelik okyjylarymyzyň hatarynda orun alýandygy-da tassyklaýar. Şeýle ýagdaý ýaşlarda kitaba we ony okamaga bolan söýgini döretmekde täze bir usuly ulanmaga mümkinçilik berýär. «Kitap nesilleri duşurýar» atly hepdeligiň çäginde mekdep okuwçylary hem-de beýleki okyjylarymyz bilen bilelikdäki duşuşyklary guraýarys. Onuň dowamynda mekdep okuwçylary, uly ýaşly okyjylar öz okan eserleri hakda gürrüň edýärler, birek-birege aýratyn täsir galdyran kitaplar bilen tanyşmagy maslahat berýärler.

Kitaplary we kitaphanalary jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm bölegine öwürmekde Gahryman Arkadagymyz başyny başlan we Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýän asylly işlere mynasyp goşant goşmagy jana-jan borjumyz, wajyp wezipämiz hasaplaýarys.

*Gyzylgül MÄMETGULYÝEWA,*
*Garaşsyzlyk etrabyndaky 52-nji orta mekdebiň kitaphanaçysy.*

SAGLYGYM — BAŞ BAÝLYGYM

## Herekete — bereket

Işjeň durmuş ýörelgesine eýermek, sport we bedenterbiýe bilen meşgullanmak adamlar, daşky gurşaw bilen sazlaşykly gatnaşykda bolmaga, wagty gyzykly geçirmäge, täze endikleri özleşdirmäge, ýaramaz endiklerden saplanmaga mümkinçilik berýär. Adama ömrüniň ähli döwürlerinde-de fiziki taýdan işjeň ýagdaýda bolmak örän zerurdyr. Bedenterbiýe bilen yzygiderli meşgullanmagyň özi daýanç-hereket ulgamynyň kadaly ösmegine, madda çalşygynyň ýokarlanmagyna getirýär, gartaşan adamlara özüne hyzmat edip bilmek ukybynyň saklanmagyna ýardam edýär. Çagalar we ýetginjekler üçin fiziki işjeňlik esasy hereketleniş endiklerini we daýanç-hereket ediş agzalaryny ösdürmek üçin möhümdir. Fiziki işjeňligiň ýokary derejesi saglyk üçin goşmaça artykmaçlyklary berýär.

Irden bedenterbiýe maşklaryny ýerine ýetirmek çagalaryň ukudan gowy açylmagyna, işdäsiniň gowulanmagyna, günüň dowamynda işjeň ýagdaýda hem-de okuwyna ünsli bolmagyna ýardam edýär. Şunda uly adamlar çagalaryna görelde bolmalydyr.

Irden salkyn howada welosiped sürmek, ýöremek, ylgamak ähli beden agzalarynyň işjeň ýagdaýda bolmagyna, ganaýlanyşygyň gowulanmagyna we madda çalşygynyň ýokarlanmagyna getirmek bilen, içki beden agzalarynyň kadaly işlemegine kömek edýär.

Ýurdumyzda röwşen geljegimiz bolan ýaşlaryň sagdyn kemala gelmegine uly ähmiýet berlip, ilatyň sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanyp bilmegi üçin giň mümkinçilikler döredilýär. Bu mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp, saglygymyzy goramak borjumyzdyr. Pederlerimiziň «Herekete — bereket» sözi asylly zähmet bilen bir hatarda, sagdyn, işjeň durmuş ýörelgesine hem degişlidir.

*Haýytgül ÝAZOWA,*
*Aşgabat şäheriniň 1-nji saglyk öýüniň bölüm müdiri.*

## JEMGYÝETÇILIK KABUL EDIŞLIGI

3-nji martda Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Baş prokuraturasynyň, Ýokary kazyýetiniň işgärleriniň we Aşgabat şäher adwokatlar kollegiýasynyň agzalarynyň gatnaşmaklarynda hukuk meseleleri boýunça raýatlaryň jemgyýetçilik kabul edişligi geçirilýär.

**Kabul edişlik Aşgabat şäheriniň Arçabil şaýolunyň 150-nji jaýynda — Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň binasynda sagat 9:00-dan 12:00-a çenli geçirilýär.**
**Telefon belgileri: 39-19-20, 39-19-21.**

TÜRKMENISTAN
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti
Gazet 1920-nji ýylyň 29-njy iýulyndan bäri çykýar.

Baş redaktor Kakamyrat REJEBOW

**REDAKSIÝANYŇ SALGYSY:** Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
**TELEFON BELGILERI:** kabulhana: 38-60-88, 39-96-99; baş redaktoryň orunbasary: 39-95-06; jogapkär kätip: 39-95-67; kätiplik: 39-95-68;
**BÖLÜMLER:** döwlet we jemgyýetçilik durmuşy: 39-95-96; kanunçylyk we halkara gatnaşyklar: 39-95-76; oba özgertmeleri, senagat we ekologiýa: 39-95-94; sanly ykdysadyýet we telekeçilik: 39-95-75; medeniýet, sungat, taryh we edebiýat: 39-95-73; ylym-bilim we ýaşlar durmuşy: 39-95-95; saglyk, sport, syýahatçylyk we tebigat: 39-95-71; mahabatlar we bildirişler: 39-95-69; hat-habarlar: 39-95-68. Faks belgisi: 75-18-35.
**WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:** Ahalda: (+993137) 3-70-03; Balkanda: (+993222) 6-25-75; Daşoguzda: (+993322) 7-00-57; Lebapda: (+993422) 3-26-83; Maryda: (+993558) 6-62-48.
**ELEKTRON SALGYSY:** turkmenistan_gazeti@sanly.tm
**Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**
Redaksiýa gelen golýazmalar we fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. «Türkmenistan» gazetinden makalalar, eserler, fotosuratlar göçürilip çap edilende, gazete salgylanmak hökmandyr. Indeksi — 69460. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A-2, möçberi 2 ç.k. A-118174 Nusgasy 24000 sany.
**Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefon belgisi: 39-95-36.**

4833001500011
Bahasy 30 teňňe.

